# Durmuşyň MANYSYNY nädip tapmaly?



Halas bolmany we doly derejedäki durmuşy gözleýäne kömek



Eger siziň soraglar ýüze çykan bolsa, onda biziň missiýamyzyň salgysyna ýa-da wzorn@lio.org. boýunça meniň salgyma elektron hat ýazyp bilersiňiz.

Men size biziň «Iman hem durmuş» žurnalymyza ýazylmagy maslahat berýärin hem-de eger sizde çagalaryňyz bar bolsa, onda «Ýodajyk» žurnalyna şol salgy boýunça ýazylyp bilersiňiz.

TM

# Durmuşyň MANYSYNY nädip tapmaly?

Halas bolmany we doly derejedäki durmuşy gözleýäne kömek

Waldemar Zorn



# GADYRLY DOSTUM!

Seni şeýle atlandyrmaga we seniň bilen «sen» diýip gürleşmäge rugsat et. Seniň bu kitapçany eliňe alanyňa men şat. Öz isleýän zadyňy tapmagyňy we almagyňy men çyn ýüregimden arzuw edýärin.

Mukaddes Ýazgy Hudaý hakynda: «Sen rehimdar adama rehimdarlyk bilen daraýarsyň, päk ýürekli adama ýürekden garaýarsyň» — diýýär. Eger sen ýürekden gözleseň we halas bolmaga teşne bolsaň, eger sen ýürekden Hudaý bilen parahatçylykda bolmagy, Onuň islegi boýunça hereket etmäge güýç, ygtyýar we azatlyk almak isleseň, onda Ol saňa kömek eder. Men saňa eýýäm bu ýoly geçen, iň bolmanda, ol ýoly bölekleýin geçen

*adam hökmünde ýazýaryn, sebäbi entegem men ýolda. Meniň maslahatlarym Mukaddes Kitaba, şahsy tejribäme we örän köp adamlaryň tejribelerine esaslanýar.*

*Halas bolmaga hem azatlyk almaga barýan bu ýoluňda, belki, birinji, ýöne örän wajyp hem zerur ädimleri ätmegi saňa maslahat berýärin. Göge barýan ýolda saňa ýoldaşyň bolup bilýändigime men örän şat.*

*Waldemar Zorn*



# IMAN

*Ýazgylary öwrenýärsiňiz, sebäbi olaryň üsti bilen ebedi ýaşaýşy alarys öýdýärsiňiz, Ýazgylar bolsa, men hakda şaýatlyk edýär.*

Isa Mesih

Eger sen gutulyş gözleýän bolsaň, onda saňa Hudaýa hem-de Mukaddes Ýazga — Mukaddes Kitaba — bolan iman (doly ynam) gerek. Näme üçin? Sebäbi bize Hudaý tarapyndan berlen aýanlyga laýyklykda iman zatlaryň hut düýp özenine aralaşyp bilýän ýeke-täk zatdyr, ol — halas bolmany almak üçin zerur şertdir. Mukaddes Kitap: «Biz älemiň Hudaýyň buýrugy bilen ýaradylandygyna, şeýle hem görünýän zatlaryň görünmeýän zatlardan dörändigine iman

arkaly düşünýäris» diýýär (Ýewreýler 11:3). Ýenede: «Iman etmezden, Hudaý tarapyndan halanmak mümkin däldir. Hudaýa ýakynlaşan Onuň barlygyna, Özüni agtarýanlary sylaglajakdygyna iman etmelidir» diýilýär (Ýewreýler 11:6). Isa Mesih: «Oňa ynanýan höküm edilmez, ynanmaýan bolsa, Hudaýyň ýekeje Oglunyň adyna iman etmeýänligi üçin eýýäm höküm edilendir» diýýär (Ýohanna 3:18).

Elbetde, seniň: «Näme üçin diňe Mukaddes Kitap?» — diýip soramagyň mümkin. Sen näme üçin başga ýazgylara däl-de, oňa ynanmaly? Sebäbi diňe Mukaddes Kitap bize ýeke-täk gutulyş ýoluny — Isa Mesihi — açyp görkezýär! Bize dünýäniň gelip çykyşyny, ynsanyň hem beýleki janly-jandarlaryň ýaradylyşyny, şeýle hem, günäniň peýda bolşuny diňe ol düşündirýär. Bize Hudaýyň halas etme meýilnamasyny diňe ol düşündirýär.

Mukaddes Kitap — bu asyrlaryň, hatda, müňýyllyklaryň dowamynda hem garşysyna göreş alnyp barylýan kitapdyr, şeýle-de bolsa, ol entegem ýer ýüzündäki iň meşhur kitapdyr. Ony ýakdylar, onuň terjimeçilerini hem göçürijilerini ölüm bilen jezalandyrdylar, bütin dünýä onuň garşysyna aýaga galdy. Mukaddes Kitap dünýäniň aşa köp dillerine terjime edildi. Mukaddes Kitabyň köp ýüzýyllyklaryň dowamynda kyrk dürli adam tarapyndan ýazylandygyna garamazdan, onuň ýekeje Awtory —

Hudaýdyr. Bu onuň bitewiliginden, amala aşan pygamberliklerinden, jikme-jiklikleriň hemmesinde çirksizdiginden görnüp durandyr. Ol, başga hiç bir kitaba meňzeş bolmansoň, özüne ynanan adamlaryň ýüreklerine täsirini ýetirýär.

Hudaýa we Onuň Sözüne — Mukaddes Kitaba — ynanmaklyk halas bolmany gözleýän, Göklere ymtylýan we azatlyk almak isleýän adamyň kabul etmeli bolan iň ilkinji kararydyr. Eger Mukaddes Kitap seniň üçin at-abraý bolsa, eger sen bütin ýüregiň bilen onuň ugrukdyrmasyna ynansaň, onuň talaplaryna tabyn bolsaň we etika, ahlak, aragatnaşyklar baradaky meseleleriň hemmesinde onuň ýolbaşçylygyny ykrar etseň, onda ol diňe şonuň ýaly bolan ýagdaýynda, seniň wepaly ýolbelediň bolar-da, seni ýüregiň ymtylýan ýerine alyp geler.

Bu karara şu gün gel we dogada Hudaýa:

*«Rebbim Hudaýym, görner görünmez zatlaryň hemmesiniň Ýaradyjysy! Men dogada Seniň ýanyňa gelýärin we Saňa iman edýändigimi, Seniň bardygyňa ynanýandygymy, Seniň mukaddes Sözüňe — Mukaddes Kitaba — ynanýandygymy aýdýaryn. Saňa iman edýärin! Meni Öz Sözüň bilen ugrukdyr we maňa Öz islegiňi aç!» — diý.*

Eger sen ýürekden doga eden bolsaň, onda Hudaýyň seni eşidendigine we ugrukdyrjakdygyna hem-de ebedi ýaşaýşa, Göge barýan ýoluňda ädimme-ädim alyp barjakdygyna ynamly bolup bilersiň. Mukaddes Kitapda: «Seniň elleriň meni ýaratdy, maňa şekil berdi; tabşyryklaryňy öwrener ýaly, maňa pähim ber» diýilýär (Zebur 118:73).



# TOBA ETMEK

*Eger toba etmeseňiz, onda ölersiňiz.*

Isa Mesih

Hudaýa iman etmegiň we Mukaddes Ýazga ynanmagyň halas bolmany almak üçin zerur şertleridigini biz eýýäm aýtdyk. Eger biz Mukaddes Kitaba ynansak, onda onuň Hudaý, Halasgär Isa Mesih, mukaddes bolmazdan hiç kimiň Rebbi görüp bilmejekdigi we bizi ebedi ýaşama hukugyndan mahrum edýän günä hakynda gürrüň berýändigini bileris.

Toba etmegiň gerekdigini Isa Mesih aýdýar. Toba etmeklik näme? Mukaddes Ýazgydan alnyp ýokarda getirilen ýerde ulanylýan «metanoete» diýen grek

sözi pikirleriň üýtgemegini, özüňi pes etmäni, çuň ökünji aňladýar.

Näme üçin toba etmek zerur? Sebäbi Reb şeýle etmelidigini aýdýar. Eger adam toba etse, onda Reb ony bagyşlamaga taýýar (hemmeleri bagyşlamaga hukukly bolar ýaly, Isa hut şonuň üçin hem haçda çüýlendi). Bagyşlanma bolsa hemmelere-de gerek. Bir gezek Pawlus Afinada wagyz edýän wagtynda: «Hudaý nadanlyk döwründen göz ýumup geçensoň, indi hemme ýerde adamlaryň ählisiniň toba etmegini buýurýar» (Resullaryň işleri 17:30) — diýýär.

Halas bolmany almak üçin toba etmäniň gerekdigi barada resul Ýohanna hem aýdýar: «Günämiz ýokdur diýsek, onda biz özümizi aldaýandyrys, bizde hakykat ýokdur. Günälerimizi boýun alsak, Ol ynamdar, adyldyr. Günälerimizi öter, bizi her hili ýamanlykdan arassalar» (1 Ýohanna 1:8–9).

Adam özüniň günälidigine akyl ýetireninde, ol mukaddes hem dogruçyl Hudaýyň öňünde gorkýar. Bu düşnükli hem tebigy zat. Şonuň üçin siz: «Eý argynlar, agyr ýüklüler, Meniň ýanyma geliň, Men size dynçlyk bereýin» (Matta 11:28) — diýen Isanyň sözlerini ýatda saklamalysyňyz. Ol: «Men Öz ýanyma geleni kowmaryn» (Ýohanna 6:37) — hem diýdi.

Birazajyk gaýtalaýaryn. Halas bolmak üçin näme etmek gerek?

«Hudaýyň Özüni gözleýänlere ak pata berýän Hudaýdygyna» ynanmak gerek.

Özüň günälidigiňe akyl ýetirmek gerek. Bu öran wajypdyr. Onda-da, köp günä edendigiň üçin däl-de, tebigatyň boýunça günälidigiňi bilmelidir. Eremde günä edileninden soň, günä adamlaryň hemmesiniň hem ýüreklerine girdi. Biz tebigatymyz boýunça günäli bolanymyz üçin hem günä edýäris. Şonuň üçin ölümli adamlaryň hemmesi bagyşlanma mätäçdirler. Ýekejesem galmaly däldir. Mukaddes Ýazgyda ýazylyşy ýaly: «Ýekeje-de dogry adam ýok… Hemmeler günä edip, Hudaýyň şöhratyndan mahrum boldular» (Rimliler 3:10, 23).

Soň toba edip we günäleriňi boýun alyp, dogada Isa Mesihe ýüzlenmek gerek. Muny saňa hem etmek gerekdir. Günäleriň (ýadyňa düşýän we ýatdan çykaran günäleriň) hemmesi üçin Ondan ötünç soramalysyň. Ýigrenji günäleriňe (okkultlaryň hemmesine, yrymçylygyňa, butparazçylykly däpleri ýerine ýetireniňe, ynananyňa we iş ýüzünde ulananyňa) aýratyn toba etmek we olardan ýüz öwürmek gerek, olary takyk boýun almaly we olardan akyl ýetirip ýüz öwürmeli, sebäbi olar şeýtanyň seniň durmuşyňa girmegine ýol açýar.

Eger adam Hudaýa doga edip, Isa Mesihe ýüzlense, onda ol Ony Özüniň Halasgäri edip saýlaýar. Adam Oňa umyt baglaýar, Oňa iman edýär. Isanyň seni

kabul edendigine, Onuň Özüniň: «Öz ýanyma geleni kowmaryn» diýen sözüne wepalydygyna ynanmak gerek.

Eger sen Hudaýa iman eden bolsaň, Isa Mesihe ynanan bolsaň, özüň günälidigiňe akyl ýetirip, Onuň öňünde toba etme dogasyny edip dyz epen bolsaň, onda Onuň seni kabul edendigine ynanmagyň we, elbetde, munuň üçin Oňa minnetdarlyk bildirmegiň gerek.

Bagyşlanma alanyň üçin minnetdarlyk bildirmeklik — gutulyşa barýan ýoldaky wajyp ädimdir. Resul Pawlus özüniň wagzynda: «Hudaý nadanlyk döwründen göz ýumup geçensoň, indi hemme ýerde adamlaryň ählisiniň toba etmegini buýurýar» (Resullaryň işleri 17:30) — diýýär.

Muny nädip etmeli? Sen dyza çökýärsiň-de, (çyn ýürekden, päk kalbyňdan aýtmaly, ýogsam, başlap hem oturma) şeýle diýýärsiň:

*«Rebbim, Hudaýym! Men özümiň gaty gorkunç günäkärdigimi bilýärin. Men diňe günä etmek bilen çäklenip durmadym. Men, hatda, eden günälerimiň hemmesini Seniň öňüňde boýun almaga-da utanýaryn, ýöne men tebigatym boýunça günäkär bolanym sebäpli, günäleri höwes bilen etdim. Men günäkäre rehim et! Meniň günälerimiň hemmesini bagyşla we Öz Ogluň Isa Mesihiň meniň üçin döken gany bilen*

*meni her hili günälerden bagyşla! Rebbim, Öz rehimiň bilen meni bagyşla hem arassala!*

*Rebbim Isa Mesih, meniň günälerimiň hemmesini Öz üstüňe alyp, meni halas edeniň we arassalanyň üçin Saňa minnetdar. Men barada: «Men ýanyma geleni kowmaryn» diýeniň üçin Saňa minnetdar. Şonuň üçin men Seniň ýanyňa geldim. Meni kowmajakdygyňa, bagyşlajakdygyňa hem kabul etjekdigiňe bütin ýüregimden ynanýaryn.*

*Bagyşlama sowgadyny hem-de ebedi ýaşaýyş sylagyny bereniň üçin Saňa minnetdar. Men Seniň Sözüňe ynanýaryn! Sen Özüňe iman edeniň «ebedi ýaşaýşynyň boljakdygyny, höküm edilmejekdigini, ölümden ýaşaýşa gelendigini» aýtdyň. Saňa minnetdar, Rebbim!*

*Gökdäki Atam! Men Isa Mesihe iman edýärin, Seniň Sözüňe ynanýaryn. Sen bolsa, Isa Mesihi kabul edeniň Seniň çagalaryň boljakdygyny aýtdyň. Men Seniň Sözüňe ynanýaryn. Indi men Seniň perzendiň! Bu beýik hormaty uly şatlyk hem minnetdarlyk bilen kabul edýärin!*

*Sen Öz Sözüňde iman edenleriň Mukaddes Ruh sylagyny aljakdyklaryny aýtdyň. Men Seniň bu Sözüňe ynanýaryn we Senden haýyş edýärin: şu wagtdan başlap, hemişelik meniň ýüregimde Öz Mukaddes Ruhuň bilen mesgen tut.*

*Rebbim, Hudaýym hem Halasgärim, şeýtandan we onuň ygtyýaryndan, onuň işleriniň hemmesinden, durmuşymda onuň bilen baglanyşykly bolan zatlaryň hemmesinden el çekýärin.*

*Sen, Rebbim, meniň Mukaddes Hudaýym, öz durmuşymy Saňa berýärin we Seniň ýaşaýşyňy Öz şöhratyň üçin kabul edýärin! Omyn!»*

Eger sen bu dogaňy ýürekden eden bolsaň, onda sende Mukaddes Kitabyň «Ol Özüni kabul edenlere, adyna iman edenlere Hudaýyň perzentleri bolma ygtyýaryny berdi» (Ýohanna 1:12) — diýen zady bolup geçýär.

Ýagny Isa Mesihiň aýdyşy ýaly, sen ýokardan doguldyň. Eger toba eden bolsaň, onda indi Mukaddes Ruhy alansyň, sebäbi Hudaýdan doguldyň. Resul Petrusyň öz wagzynda: «Toba etseňiz… Mukaddes Ruh sylagyny alarsyňyz» (Resullaryň işleri 2:38) — diýip aýdyşy ýaly, Ol size Özüniň Mukaddes Ruhuny berendir.



# BAGYŞ EDILME

*Meniň boýuntyrygymy dakynyň…*
*çünki Meniň boýuntyrygym ýumşakdyr,*
*ýüküm ýeňildir.*
Isa Mesih

Şeýlelikde, halas bolmak üçin Hudaýa, Onuň Sözüne ynanmagyň gerekdigini bilýäris. Biz muny iman ädimi hökmünde atlandyrdyk. Mundan başga-da, Hudaýyň Sözüniň nurunda özüňiň günälidigiňi görmek we Isa Mesihiň ady bilen günäleriňizi bagyşlamagyny Hudaýdan sorap, ýürekden doga etmeli. Biz bu ädimi «toba etmek» diýip atlandyrdyk.

Halas bolma barýan ýoldaky indiki, örän wajyp ädim — bagyş edilmedir.

Diňe Isa Mesihiň biziň ähli günälerimizi Öz üstüne alany üçin Hudaýyň bizi bagyşlandygyny we Öz çagalarynyň hataryna kabul edendigini biz bilýäris. Ol bize Özüniň «Hudaýyň perzendidigimize ruhumyz bilen güwä geçýän» (Rimliler 8:16) Mukaddes Ruhuny berdi. Resul Pawlus: «Ýa-da teniňiziň sizde ýaşaýan we siziň Hudaýdan alan Mukaddes Ruhuňyzyň ybadathanasydygyny, siziň özüňiziňki däldigiňizi bilmeýärsiňizmi? Çünki siz bir baha alyndyňyz. Munuň üçin, Hudaýyňky bolan teniňiz we ruhuňyz bilen Hudaýy şöhratlandyryň» (1 Kor. 6:19–20) — diýip ýazýar.

Hudaýa bagyş edilme — mesihiniň mundan beýläkki bütin durmuşyny kesgitleýän örän wajyp ädimdir. Belki, sen bagyş edilme ädim däl-de, bütin durmuşyňdyr diýip pikir edensiň? Bu dogry. Imanyň halas bolmaga barýan ýoldaky ilkinji ädim bolşy ýaly, soňky bütin ömrümiz — iman ömri bolup durýar. Biz her gün imanymyza görä hereket etmeklige çagyrylandyrys. Resul Pawlusyň ýazyşy ýaly: «Şindi tende geçirýän ýaşaýşymy Hudaýyň... Özüni pida eden Ogluna bolan iman bilen geçirýärin» (Galatýalylar 2:20). (Hatda soň biz resul Ýohannanyň: «Eger günämiz ýokdur diýsek, onda özümizi aldaýandyrys» diýen sözleri boýunça bütin ömrümizi

toba etmek bilen ýaşaýan bolsak hem). Toba etmeklik we onuň bilen baglanyşykly bolan ýokardan dogulma belli bir ädim bolşy ýaly, bagyş edilme hem bolup durýar. Ol Isany öz Rebbiň, Hudaýyň, Hökümdaryň, Halasgäriň diýip ilkinji akyl ýetirip ykrar etmäni we bütin ömrümizi diňe Oňa bagyş etmäni talap edýär.

Bu bagyş edilmäni ykrar etmeklik — örän wajyp ädimdir. Biz Hudaýyňky, Ol biziň göz öňümize-de getirip bilmejek ummasyz bahamyzy töläp, bizi satyn aldy. Rebbe dogada: «Öz ömrümi — ähli işlerimi, pikirlerimi, öz sözlerimi — Saňa bagyş edýärin: hemme zady Seniň tabynlygyňa berýärin! Sen — meniň Hudaýym, meniň Rebbim hem Halasgärim! Men durmuşymy ömürlik seniň bilen utgaşdyrýaryn!» — diý.

Şeýle bagyş edilme bolmasa, iman eden we toba gelen adamyň, toba edeninden soň, Hudaýyň islegine tabyn bolman, öz ýoly bilen gitmegi mümkin. Şonuň ýaly ýoluň nirä alyp barýanyny biz bilýäris. Hudaýyň bizi kabul edenine, bagyşlanyna ynanmak hem-de bütin ömrümizi Oňa, Halasgärimize bagyş etmek örän zerurdyr.

Şunuň ýaly ýürekden çykan we bütin ömrüňe edilýän toba hem bagyş edilmedir. Iblisiň işleriniň hemmesinden, aýratynam, okkultlarynyň hemmesinden ýüz öwürmek bilen, öz ömrüni Mesihe bagyş etmek bilen adam Mesihiň sözlerini ýerine ýetirýär: «Meniň boýuntyrygymy dakynyň... çünki Meniň boýuntyrygym ýumşakdyr, ýüküm ýeňildir»

(Matta 11:29–30). Munuň wajyplygyny Ol: «Öz haçyny alyp, Meniň yzyma düşmedik hem Maňa mynasyp däldir» (Matta 10:38) — diýen sözler bilen belleýär.

Şu ädimden hem, seniň Mesihiň yzyna eýerme ädimiň başlanýar. Hudaýa tabynlykdaky, gündelik doga-dileg etmekdäki, Onuň Sözüni okamakdaky we diňlemekdäki, dünýä öz Halasgäriň hakda şaýatlyk etmekdäki ädimiň başlanýar.



# GATNAŞYKLARY RESMILEŞDIRMEK

*Iman edip suwa çümdürilen adam halas bolar.*

Isa Mesih

Iman etmezden Hudaý tarapyndan halanylmagyň mümkin däldigini biz bildik we muňa ynandyk. Mukaddes Kitaba, onuň Halasgär Mesih hakyndaky habaryna ynandyk. Hudaýyň Öz ýanyna gelenleri kowmaýandygyna ynandyk. Şeýdip, imana geldik. Imana geldik we toba etdik. Günälerimiziň — ýadymyza düşenleriniň we ýatdan çykaranlarymyzyň — hemmesine toba etdik. Imansyzlygymyza hem

tekepbirligimize toba etdik, iblisden we onuň ähli işlerinden ýüz öwürdik. Şonuň üçin Hudaý bizi bagyşlady, kabul etdi we azat etdi. Ol bizi Isa Mesihiň gurbanlygynyň hatyrasyna kabul etdi. Bizem, Mesihiň özümiz üçin şeýle ummasyz bahany töländigini bilip, ömrümizi Oňa bagyş etdik. Biz özümiziň özümiziňki däl-de, Hudaýyňkydygymyza düşündik! Şeýdip, Hudaý bizi ýokardan täzeden dünýä inderdi-de, Özüniň Mukaddes Ruhuny bize bermek bilen, bizi Özüniň perzendi etdi.

Biz Hudaýyň halas edilen, aklanylan, arassalanylan we kabul edilen çagalary bolduk. Hudaý bizi gatnaşmaklyga çagyrdy. Ol bizi Isa Mesih, Onuň mukaddes Ýygnagy, Onuň ebedi ýaşaýyş üçin halas edenleriniň hemmesi bilen gatnaşmaga çagyrdy.

Eger bu zatlaryň hemmesi sende bolup geçen bolsa, onda seniň öňüňde ýene bir öran wajyp hem zerur bolan bir ädim bar. Gökdäki Ataň, Halasgär Isa Mesih we özümize sowgat berlen Mukaddes Ruh bilen bolan bu ajaýyp gatnaşyklarymyzy resmileşdirmek gerek. Muny nädip etmeli? Isa Mesih Özüne iman eden adamlara näme etmegiň gerekdigi barada örän düşnükli hem aýdyň aýdyp: «Kim iman edip çümdürilse, halas bolar, ýöne iman etmedige höküm ediler» diýdi (Mark 16:16).

Saňa çümdürilmek gerek. Suwa çümdürilmäniň manysyny resul Pawlus bize şeýle düşündirýär: «Günä

üçin ölen biz indi günäde nähili ýaşarys? Ýa-da siz Mesih Isa çümdürilenlerimiziň hemmämiziň Onuň ölümine çümdürilendigimizi bilmeýärsiňizmi? Atanyň şöhraty arkaly Mesihiň ölümden direlişi kimin, biz hem täzelenen ýaşaýyşda gezer ýaly, çümdürilme arkaly Onuň bilen bile ölüme gömlendiris. Onuň ölümine meňzeşlikde Onuň bilen birleşen bolsak, direlmegine meňzeşlikde-de birleşeris. Çünki günä jesedi ýogalyp, biz mundan beýläk günä gulluk etmez ýaly, köne adamymyzyň Onuň bilen birlikde haça çüýlenendigini bilýäris. Çünki kim ölen bolsa, ol günäden aklanandyr. Biz Mesih bilen ölen bolsak, onda Onuň bilen ýaşajagymyza hem ynanýarys» (Rimliler 6:2–8).

Suwa çümdürilmek bilen biz özümizi öz günälerimiz sebäpli ölen Isa Mesihe meňzeş edýäris. Biz Onuň ölümini öz ölümimiz ýaly kabul edýäris: biz günä üçin, bu dünýä üçin, öz-özümiz üçin öldük. Mukaddes Ýazgyda ýazylyşy ýaly: «Mesih ýaşaýanlar indi özleri üçin däl-de, özleri ugrunda Ölen we Direlen üçin ýaşasyn diýip, hemmäniň ugrunda öldi» (2 Kor. 5:15).

Resul Petrus Isa Mesihdäki halas bolmany Nuhuň maşgalasynyň suw basmasyndan halas bolşy bilen deňeşdirýär-de, şeýle ýazýar: «Çümdirilmäniň nusgasyna görä, bedeniň kiriniň ýuwulmasy däl, eýsem, Hudaýyň huzuryna päk ynsap talaby bolan

çümdürilmek hem indi sizi Isa Mesihiň direlmegi arkaly halas edýär» (1 Petrus 3:21).

Suwa çümdürilmäni nika gatnaşyklaryny resmileşdirmek bilen deňeşdirmek bolar. Eger ýaşlar biri-birini söýýän bolsalar, onda olar bütin ömürlerini bile geçirmek, görgüleri, şatlygy, gaýgyny hem umytlary paýlaşmak isleýärler. Diňe duýgular, kararlar, ynandyrmalar we bagyş edilmeler ýeterlik däl: gatnaşyklary nika bilen resmileşdirmek gerek. Hudaý şeýle buýruk berýär, Mukaddes Ýazgy şuny aýdýar.

Bu ädimi ätmek bilen sen Hudaý bilen hemişelik äht baglaşýarsyň. Mundan gowy şatlyk bolup bilermi?! Nikany resmileşdirmegiň dürli medeniýetlerde dürli bolşy ýaly, çümdürilme hem, düýp manysy boýunça däl-de, daşky görnüşleri boýunça biri-birinden birneme tapawutlanýar. Biri-birini söýýänler üçin gatnaşyklary resmileşdirmegiň zerur hem wajyp bolşy ýaly, suwa çümdürilmek hem, Hudaýyň tabşyrygy hem Onuň emri boýunça wajypdyr. Içinde Injil wagyz edilýän, imanlylaryň durmuşynyň merkezi Mesih bolup durýan, diňe ýeke-täk Ata Hudaýa, Ogla hem Mukaddes Ruha tagzym edilýän ýygnagy tap-da, suwa çümdürilmäni kabul et. Mukaddes Kitap ýeke mesihileri tanaýar, biz Mesihiň Teniniň, Onuň Ýygnagynyň agzalary bilen bile bolmaklyga çagyrylandyrys.



# MUKADDES BOLMAK

*Şeýlelikde, Gökdäki Atañyzyň kämil bolşy ýaly, kämil boluň.*

Isa Mesih

Biziň imanymyzdaky iň uly mesele ýa-da, aýdaly, garşy çykmalar, gündelik takwalygyň hem mukaddes durmuşyň meselesidir. Hudaýyň çagalary bolanymyzdan soň, biziň günälerimiz bagyşlanylýar we biz ebedi ýaşaýyş sylagyny alýarys. Hudaýyň Sözüne ynanmak bilen biz özümizi Onuň gullugyna bagyş etdik. Ýöne toba edenimize,

ýokardan doglanymyza we Hudaýa bagyş edilenimize näçe köp wagt geçse, ýüreklerimizde şonça-da köp howsala duýýarys. Biz mukaddes bolup ýaşamak isleýäris! Biz öz günälerimiz üçin ummasyz tölegi tölän Rebbimiziň göwnünden turmagy şeýle güýçli isleýäris, her bir ýigrenji pikirimiz, her bir gaharlanmamyz, gykylygymyz, islendik günälerimiz üçin Ondan utanýarys. Biz toba edýäris we ýene günä edýäris. Şobada däl, hemişe däl, ýöne barybir günä edýäris.

Muny Hudaýyň çagalarynyň hemmesem başdan geçirýär. Hudaý tarapyndan Onuň maşgalasyna kabul edilendigimize, bizde Onuň Mukaddes Ruhunyň ýaşaýandygyna akyl ýetirýändigimiz sebäpli ýüreklerimizde çuň rahatlyk bolýar, şonuň üçin biz gündelik durmuşymyzda ýeňişli durmuşda ýaşamak isleýäris. Biz işde ýa-da mekdepde özümiziň iman etmedik garyndaşlarymyz hem işdeşlerimiz üçin görelde bolmak isleýäris.

Çykalga nirede? Resul Pawlus mydama imanlylar üçin doga edip, olaryň özlerinde nähili kuwwatly güýjüň hereket edýändigine akyl ýetirmekleri üçin Hudaýyň olaryň ýürekleriniň gözlerini açmagyny dileýändigini ýazýar. Edil şu wagt (kitapçany bir gyra goýup) Efeslilere hatyň birinji babyny we ikinji babynyň on aýadyny okamagyňy haýyş edýärin.

Okadyňmy? Sen Onuň «biçak uly güýjüniň» kuwwatlydygy baradaky söze üns berdiňmi? Şol güýç bilen Hudaý Rebbimiz Isa Mesihi ölümden direltdi, şol güýç bilen Ol bizde iman oýardy, bu gün hem, biz Onuň halky bolar ýaly, şol güýç bilen bizde hereket edýär, sebäbi «Ol Öz öňünde söýgüde mukaddes, müýnsüz bolmagymyz üçin, dünýä gurulmazdan öň bizi Mesihde saýlady» (Efesliler 1:4).

Biziň mätäç bolan ilkinji zadymyz — bu gözlerimiziň açylmagydyr: biz özümizdäki şol güýjüň nähili beýikdigini görmelidiris. Ikinjisi, biz şol hakykaty bütin ýüregimiz bilen kabul etmelidiris. Hudaýyň bizde hereket edýändigine ynanmalydyrys. Üçünjisi, biz «günä üçin ölendigimizi» dünýä üçin özümiziň haça çüýlenendigimizi hem-de dünýäniň biziň üçin haça çüýlenilendigini ýatda saklamalydyrys (Galatýalylar 6:14). Resul Pawlus diňe bir özi hakynda ýazman, eýsem, hemmämiziň «Isanyň ýaşaýşy tenimizde aýan bolsun diýip, Onuň ölümini hemişe tenimizde göterýänimiz» (2 Kor. 4:10) hakynda hem ýazýar. Pawlusyň sözlerini okalyň, oňa ynanalyň we olary ýat tutalyň. Ol: «...köne adamymyzyň Onuň bilen birlikde haça çüýlenendigini bilýäris (6:6) — diýip ýazýar. Galatýalylara hatda Ol: «Men Mesih bilen bile haça çüýlenildim» (2:19) — diýip ýazýar.

Biziň ýeňişli durmuşymyzyň syry Mesih bilen bile haça çüýlenenimizdedir. Mukaddes Ýazgy bize şu

hakykata akyl ýetirmegi, ony iman bilen kabul etmegi we gündelik durmuşda ulanmalydygyny öwredýär.

Ýene bir hakykat bar, ony bütin ýüregiň bilen gürrüňsiz kabul etmek gerek: bizde Mesih ýaşaýar! Pawlus: «şöhrat umydy bolan Mesihiň bizdedir» (Kol. 1:27) — diýip ýazýar.

Bu hakykatlary kabul et, olar bilen ýaşa hem-de, goý, hemmelere tanyş bolan synaglary şatlyk bilen ýeňmekde Hudaý saňa ak pata bersin.



# GULLUK

*Siz Mende galyň, Men hem sizde galaýyn.*
Isa Mesih

Mesihiniň çagyrlyşy nämede jemlenen? Bagyş edilen, mukaddes we Hudaý tarapyndan bereketlenen durmuşa dyrjaşýan her bir adam haçan hem bolsa bir wagt özüne şu soragy berýär. Isa Mesih bu barada örän ýönekeý hem düşnükli aýtdy: «Siz Meni saýlamadyňyz, Men sizi saýladym, gidip, miwe öndüriň we miwäňiz uzak galsyn diýip, sizi wezipä belledim. Şeýlelikde, Meniň adym bilen Atadan näme dileseňiz, Ol size berer» (Ýohanna 15:16). Ol bizi diňe bir halas hem ebedi ýaşaýşa çagyrman, eýsem, miwe getirmeklige hem çagyrdy. Bu nämäni aňladýar? Bu

barada resul Pawlus Efeslilere hatda şeýle ýazýar: «Siz iman arkaly merhemet bilen gutuldyňyz. Bu siziň öz tagallaňyz däl, Hudaýyň sylagydyr. Hiç kim öwünmez ýaly, oňat işlere-de bagly däldir. Çünki biz Hudaýyň öňden taýýarlan oňat işlerinde gezer ýaly, Onuň Mesih Isada ýaradylan eseridiris» (2:8–10). Öz sözlerim bilen gaýtalaýaryn: biz işlerimiz boýunça halas bolmadyk, ýöne gowy işleri etmeklik — biziň bu dünýädäki wezipämizdir.

Hut şolar hem bize, hiç kimi gününe goýmaýan (çüý balygy deňizde bolany üçin, karas balygy hüşgärdir) synaglara aňsatlyk bilen hötde gelmäge mümkinçilik berýär. Bu barada Isa hem ýönekeý we düşnükli aýtdy: «Men hakyky üzüm agajydyryn, Atam bagbandyr. Mendäki miwe bermeýän her bir şahany Ol keser, miwe berýänini bolsa has-da köp miwe bersin diýip timarlar, tämizlär. Meniň size aýdan sözüm arkaly siz indi tämizsiňiz. Siz Mende galyň, Men hem sizde galaýyn. Üzüm agajyndan aýrylan şahanyň öz-özünden miwe berip bilmeýşi ýaly, Menden aýrylsaňyz, siz hem miwe berip bilmersiňiz» (Ýohanna 15:1–4). Başga sözler bilen aýtsak, eger biz Oňa tabyn bolsak, Onuň özümize tabşyran zatlaryny etsek, onda synaglary ýeňmäge güýç berilmegiň aladasyny etjekdigini Isa aýdýar. Miwe getirmeklik hem, Onuň bizdäki we biz arkaly edýän işidir. Bize Onuň özümize tabşyran işini

başarmarys diýip gorkmak gerek däl. Ol bizden diňe tabynlyga garaşýar.

Bu örän ýönekeý işler hem bolup biler. Mysal üçin, men iman eden wagtlarym, ýygnak binasynyň girelgesinde garrylara paltolaryny çykarmaga kömek edýärdim we ýygnanyşykdan soň, ýygnagymyzyň dar çykalgasynda paltolaryny olara alyp berýärdim. Iş örän ýönekeý. Ýöne muny Reb meniň ýüregime salypdy. Men şol garrylara näçe şatlyk getirýärdim: men olara diňe bir paltosyny çykarmaga we geýmäge kömek etmän, eýsem, olary gujaklaýardym, ýakymly sözleri aýdýardym ýa-da öýündäkiler hem saglygy hakynda soraýardym. Rebbiň Özi (meniň we garrylaryň) ýüreklerimizde Özüniň arassalaýyş hem köşeşdirme işini geçirýärdi.

Hudaýa hem adamlara gulluk etmeklik — biziň bu dünýädäki wezipämizdir. Öz wezipäňi görmeklik, durmuşdaky öz maksadyňda «ýalňyşmaklyk» — örän howply zatdyr. Şonuň üçin Rebbimiz Isa Mesihiň dogany Ýakup: «Kim ýagşylyk etmegi bilip-de, ony etmeýän bolsa, ol günäkärdir» diýýär (Ýakup 4:17). Täze Äht (şol sanda Isanyň hem resullaryň sözleri) ýazylan dili bolan grek dilindäki «günä» sözi göni manysynda «sowa geçmek» diýmegi aňladýar. Ýagny ýaýdan atanyňda, sowa geçmekligi aňladýar.

Biziň durmuşymyzyň manysy bar, Hudaýyň Özünden berlen gulluga çagyryş bar. Sowa geçmezlige çalşalyň.



# SÖZSOŇY

*Atam, Seniň Maňa berenleriň hem,*
*Meniň bolýan ýerimde*
*bolmaklaryny isleýärin…*

Isa Mesih

Eger sen toba edip, durmuşyňy Hudaýa bagyş etseň we Reb bilen öz gatnaşyklaryňy resmileşdirseň hem-de Oňa we Onuň Ýygnagyna gulluk etseň, onda ýer ýüzündäki ýaşaýşyňdan soňky durmuşyňda saňa Hudaýyň Özüni söýýänlere taýýarlan ýeri garaşýar. Mesih bilen ýaşaýanlaryň ölümden gorkmagynyň gerek däldigini Mukaddes Kitap aýdýar, sebäbi bu günä, synaglar, duşmançylyk, gözýaşlar… bolmadyk ajaýyp dünýä geçiş bolýar.

Ýohannanyň Aýanlygynyň 7-nji babynda şeýle ajaýyp zat suratlandyrylan:

«Onsoň ýaşulylardan biri söze başlap, menden: "Bu ak don geýnenler kim, nireden gelipdirler?"» diýip sorady.

Men: «Muny sen bilýärsiň, agam!» diýdim.

Ol maňa şeýle diýdi: «Bular şol agyr muşakgatdan çykyp gelenler. Bular donlaryny Guzynyň gany bilen ýuwup, çuw ak etdiler. Munuň üçin olar Hudaýyň tagtynyň öňünde bolup, Onuň ybadathanasynda Oňa gije-gündiz hyzmat edýärler. Tagtda Oturan bolsa olarda ýaşar. Olar indi ajykmaz, suwsamaz. Olaryň üstüne ne gün, ne-de başga bir jöwza düşer. Çünki tagtyň ortasyndaky Guzy olary otladar, ýaşaýyş suwunyň çeşmelerine elter. Hudaý olaryň gözlerinden ähli ýaşlaryny süpürer».

# Mazmuny

Gadyrly dostum! . . . . . . . . . . . . . . . . . . 2
Iman . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 4
Toba etmek. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 8
Bagyş edilme . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 14
Gatnaşyklary resmileşdirmek . . . . . . . . 18
Mukaddes bolmak . . . . . . . . . . . . . . . 22
Gulluk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 26
Sözsoňy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 30